***BMG-niň Azyk we oba hojalygy guramasy bolan FAO-nyň hem-de Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň ýanyndaky Türkmenistanyň döwlet weterinariýa gullugynyň bilelikde guramagynda Aşgabatda okuw-türgenleşigine badalga berildi. 3 günläp dowam etjek bu okuw-türgenleşigi "Merkezi Aziýada Bitewi saglyk çemeleşmesi esasynda pandemiýa taýýarlygy we göreş çäreleri" (Pandemic Preparedness and Response through One Health Approach in Central Asia) atly taslamasynyň çäginde geçirilýär.***

Bu taslama Bitewi saglyk çemeleşmesi esasynda weterinarlaryň, lukmanlaryň hem-de ýabany tebigat pudagynyň hünärmenleriň arasyndaky gatnaşygy has-da artdyrmagy, hyzmatdaşlygy ýokarlandyrmagy, maglumatlary ýygnamagy we paýlaşmagy öňe sürýär. Bu okuw-türgenleşiginiň iň esasy maksady mallarda ýokanç keselleriň ýaýramagyny öwrenmek, biohowpsuzlyk, nusga almak hem-de pudagara hyzmatdaşlygy artdyrmak ýaly esasy ugurlarda bolup, şol ugurlar boýunça milli hünärmenleriň teoriýada hem-de iş ýüzünde tejribelerini artdyrmaga gönükdirilendir. Şeýle guramaçylyk Türkmenistanda ilkinji gezek geçirilip, oňa weterinar gullugyndan, saglyk ulgamyndan, ýabany tebigat pudagyndan 30 töweregi hünärmen gatnaşýar.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026



Okuw-türgenleşiginiň ilkinji güni seminar görnüşde bolup, FAO-nyň hünärmenleri Dewid Paton, Duriýa Çaryphan hem-de Şebnem Gürbüz özleriniň baý tejribelerini paýlaşdylar. Dewid Paton gatnaşyjylara dürli prezentasiýalary görkezip, ol ýaşur keseli barada – onuň epidemiologiýasy, anyklaýyş usuly, ýaýramagynyň öňüni alyş çäreleri, sanjym işleri dogrusynda täsirli gürrüňler berdi. Ol biohowpsuzlyk barada-da aýratyn bellikleri gatnaşyjylaryň dykgatyna ýetirdi. Seminaryň dowamynda halkara hünärmenler bilen ýerli hünärmenleriň arasynda sorag-jogap arkaly söhbetdeşlik hem guraldy.

Okuw-türgenleşiginiň ikinji güni fermede keselleri anyklamak, nusga almak usullary boýunça tejribe alyş görnüşde geçiriler.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены